# Akro goşgular

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Akro goşgular **• Sungat**

Söz mülküniň tirsem, solmaz güllerin,
Umydym diklener, taşlap gülberin.
Nagmasy söz heññamlaryň, eýýamyñ,
Goşgularmy başa täjim eýlänim.
Azaply eşretmiň, sütemsiz jebir?!
Takdyrym, telwasym, tamam sen, ŞYGYR!

**• Owaz**

Oýunçy şemallar öpüp gülleri,
Wezipesin ýaza tabşyrdy gyşlar.
Asuda asmanda toýnuk guraşyp,
Zamana deý geçip barýar ak guşlar…

**• Tomus**

Täsin duýgularmy oýaryp ýene,
Owadan sähralam,men saňa barýan.
Maýyl bolup,gülden görkli görküňe,
Uly ynam bilen garamda her ýan,
Seniň gözelligňe haýran men, haýran!

Nury SAKÇYÝEW. Goşgular